# Söýgiň ysy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Söýgiň ysy SÖÝGIŇ YSY

Günler yşkyň soňsuz galpyldysyny
Kalba saldymy ýa, salmadymy ýa?!
Duýaňda sözlerden söýgiň ysyny,
Göwnüň aldymy ýa, almadymy ýa?!

Ýürek syryn gözleň asla ýaşyrmaz,
Şol gözlerdi bendi eden başyndan,
Her gezek ýatlaňda gözýaşlaryňdan
Didäň doldumy ýa, dolmadymy ýa?!

Goýup bilmän yşky gökde, ýerde-de,
Saldym ony gursaga o:t berse-de.
Nätjek, seni ýürek söýdi. Sende-de
Şeýle boldumy ýa, bolmadymy ýa?!

Bak, söýgiň jigere talaň salyşyn,
Hyjuwyň lasyrdap, ot alar başyň,
Ýüregiň erände gözdäki ýaşyň,
Ýeller syldymy ýa, sylmadymy ýa?!

Adyňy gaýtalap her säher, her dem,
Sensizlige niçik döz geler gerden?!
…Göwnüme, «toý» sözün agzanymda men
Gözleň güldümi ýa, gülmedimi ýa?!

Goçmyrat ORAZBERDIÝEW. Goşgular